# Hemme zat ýürekde gutarýar!..

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Hemme zat ýürekde gutarýar!.. HEMME ZAT YÜREKDE GUTARÝAR!..

Ýurdumyza koronawirus belasy aralaşanda degişli ýolbaşçylar bir zady ýola goýdular:
Dessine 65 ýaşanlara we ondan geçenlere köçä çykmak gadagan edildi!..
Ondan soňam şeýle boldy. Stambul we Ankara ýaly uly şäherlerimizde bu ýaşdakylara sagat 10.00-16.00 aralygyndan başga wagt köçä çykmak gadagan edildi. (Bu babatda degişli ýolbaşçylaryň edýän talaby gaty dogry! Çünki şol aralykda wirus «arakesmä» çykýar we hiç kime ýokuşmaýar, ýöne günüň başga sagadynda welin, ölüm sepeleýär!..)
Bu kararlaryň kabul edilenini ýatlanynda hemişe respublika döwrüniň iň ussat arhitektorlaryndan professor Sedat Hakgy Eldemiň 70 ýaş ýubileý toýunda onuň bilen geçiren söhbetdeşligimde aýdan sözleri ýadyma düşýär. Çünki ol «Arhitektorlar iň ajaýyp eserlerini şu ýaşlarda berýär» diýipdi we muňa Mimar Sinany mysal beripdi.
Hakykatdanam ussalaryň ussasy Mimar Sinan elli ýaşyndan soň başlan çyraglyk döwrüniň yzyndan Edirnedäki «Selimiýe» metjidini we külliýesini gurup bolanda 86 ýaşynda eken. Bu UNESCO-nyň bütindünýä mirasynyň sanawyna hem giren «ussalyk döwrüniň deňsiz-taýsyz eseridir» diýipdi.
65 ýaşanlary we ondan geçenleri «öýden çykmaga mejbur edip, goraga mätäç» kişiler hökmünde görýänlere Angliýada bassyr dört gezek premýer-ministrlik eden we bu wezipe bilen hoşlaşanda 85 ýaşynda bolan Uilýam Gladston şeýle nusgalyk ders berýär:

*“Ýaşlyk – durmuş döwresi däl, akyl halydyr…*
*Ýyllar teni çürüşdirip taşlap biler. Bärde esasy zat, biziň durmuşymyzdaky heýjanly pursatlaryň dowam etmegidir…*
*Çünki, heýjanly pursatlaryň gutarmagy bilen ruh çürüşýär!..*

*Adam özüne bolan ynamy deý ýaş – şübhesi deý garry, batyrgaýlygy deý ýaş – gorkusy deý garry, umydy ýaly garry – bezginligi deý garrydyr…*
*Hiç kim köp ýaşandygy sebäpli garramaýar.*
*Adamlary garradýan zat – onuñ ideallarynyñ gutarmagydyr…*
*Kalby söýdügiñçe, şatlygy duýdugyça, gözellikleri syzdygyñça, beýniñiz täze zatlary parh etdigiçe – hemmeler ýaşdyr.*
*Adamlar ýaşadygyça garrandyrys öýderler, ýogsam bolmasa olar ýaşamadygysaýyn garraýarlar.*
*Adamlar özüne «garradym» diýen güni garraýarlar!..”*

Örän dogry, çünki:

■ Hristofor Kolumb Amerikany açmaga ilkinji gezek ýola çykanda bireýýäm elli ýaşdan geçipdi.

■ Paster altmyş ýaşynda guduz keseliniñ waksinasyny oýlap tapypdy.

■ Galileý Aýyñ gündelik we aýlyk çyzuwyny çyzanda ýetmiş üç ýaşyndady.

■ Çarli Çaplin ýetmiş alty ýaşynda kinorežissýorlyk edýärdi.

■ Gýote genial eseri «Fausty» ölüminden bir ýyl öñ, segsen iki ýaşynda ýazypdy.

■ Tolstoý altmyş ýedi ýaşynda motosikle münmegi öwrenipdir.

■ «Nobel» baýragynyñ eýesi Albert Şweýser segsen sekiz ýaşynda Afrikanyñ hassahanalarynda arman-irmän operasiýalara girýärdi.

■ Şeýle-de “Beýni taslaýjy” adyny alan togsan bäş ýaşly halypalaryñ halypasy professor Gazi Ýaşargil häzirem öz ugry boýunça abraý bilen işläp ýör.

■ “Muazzam Muazzez” diýilýän tanymal şumerşynas taryhçy Muazzez Ilmiýe Çyg bireýýäm ýüz ýaşdan aganam bolsa, añ taýdan alanda ýaş gyzdan gallaw…

Ýetmiş ýaşanmyş. Boljagy bolanmyş! Kim aýtsa ýalan aýdýar. Gulak asmaň!..
Hemme zat ýürekde, hemme zat beýinde gutarýar!…
Diňe garramak üçin ýaşamaň, bolany!..

Ugur DÜNDAR.

«SÖZCÜ» gazeti, 14.11.2020 ý. Edebi makalalar